# Meniň gimnim

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Meniň gimnim MENIÑ GIMNIM



Haýwan bolup söweşerin hakyky
Gaýgynyñ, kinäniñ nedigin bilmän.
Haýwan bolup söweşerin hakyky,
Haýwan diñe öñe gitmegi bilýär.
Haýwan bolup söweşerin sap halal
Haramlaryñ garşysyna haramsyz,
Haýwan kimin diñe öñüme garap,
Karamlaryñ garşysyna karamsyz.

Haýwan bolup söweşerin her haçan,
Hileleriñ garşysyna hilesiz,
Deýýus bolup meniñ öñümden çykan
Baryp, tañrysyndan aman dilesin.

Aman-zamanyny näbilsin haýwan:
Deýýusmy, palçykmy, daşmy – ýok parhy.

Men haýwan, men öňe gitmegi bilýän,
Aýagymdan gymmat ýüküminň nyrhy.

Bapba GÖKLEŇ. Goşgular